# Gitseň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gitseň GITSEÑ

Gursagymda arman galar, ynanaý,
Meniň hak sözümi diňlemän gitseň!
Bu şygyrym bolarmyka göwne jaý,
Ýene hasrat bolar oňlaman gitseň!

Arzuwlarym bedewler deý çapyşýar,
Diýýärler: “Hak söýgi bir gün tapyşar.”
Giň asmanym bu zemine gapyşar,
Ýürek islegimi aňlaman gitseň!

Owal-ahyr diňe sygyndym Haka,
Gönümel men, ynam edemok çaka.
Gözlerimden syrly ýüregim oka,
Ahmyr bolar ony soňlaman gitseň!

Kalbym berdim, uzat goluň, elim tut,
Gitjekmiň, yzyňa seretme-de git!
Aýdýan aýdymlarmy sem etme-de git –
Aýnaman, oýnaman, ownaman gitseň!

Azymberdi KAKAÝEW. Goşgular